# HÄZIRKI ZAMAN HALKARA GATNAŞYKLARYNYŇ DERWAÝYS MESELELERI

TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI
TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRLIGINIŇ
HALKARA GATNAŞYKLARY INSTITUTY

# HÄZIRKI ZAMAN HALKARA GATNAŞYKLARYNYŇ DERWAÝYS MESELELERI

(makalalar ýygyndysy)

Aşgabat • Ylym • 2024

# VII BAP
# SYÝASY KOMMUNIKASIÝA WE INTERNET ŽURNALISTIKASY

**Sanjar Guldurdyýew,**
*Syýasy kommunikasiýa we internet žurnalistikasy ugrunyň magistranty*

## INTERNET ŽURNALISTIKASYNDA MAHABATYŇ ORNY

Hormatly Prezidentimiz ösüşiň döwrebap ugry hökmünde sanly ulgamyň mümkinçiliklerini giňeltmegi, innowasion tehnologiýalardan baş çykarýan ýaş hünärmenleriň kämil şahsyýetler bolup kemala gelmegini hemişe üns merkezinde saklaýar. Çünki ýaşlar döwrüň täze çagyryşlaryndan baş alyp çykýan we olary döwrebap ösüşlere ugrukdyrýan adam maýasyny emele getirýär. Şunuň bilen baglylykda, sanlylaşdyrmagyň köpçülikleýin habar beriş ulgamynda ileri tutulmagy häzirki zaman şertlerinde täze ugurlaryň hatarynda internet žurnalistikasynyň ösmegine itergi berýär. Bilermenleriň nygtamagyna görä, köpçülikleýin habar beriş serişdeleri öz gezeginde syýasy aragatnaşygyň subýekti hökmünde çykyş edýär. Munuň özi häzirki wagtda dünýä we döwlet syýasatynda alnyp barylýan işleri, ösüşleri media ulgamy arkaly elektron görnüşinde tiz wagtda üpjün etmegiň döwrebap usuly bolup durýandygy bilen baglanyşyklydyr. Başgaça aýdylanda, internet žurnalistikasy – bu köpçülikleýin habar beriş maglumatlarynyň aragatnaşyk ulgamyna geçmegidir. Şol bir wagtda, internet ulgamynyň ulanyjylarynyň we serhet çäginiň ýoklugy, onuň global häsiýete eýedigini beýan etmek bilen, jemgyýetçilik pikiriniň we dünýä habarlarynyň köpçülige ýetirilmeginde internet žurnalistikasynyň halkara gatnaşyklaryndaky ähmiýetiniň artmagyna itergi berýär [2].

Internet žurnalistikasynyň kemala gelmegi özbaşdak elektron diňleýjileri bolan aragatnaşyk awtorlarynyň, ýagny “media awtorlarynyň” döremegine itergi berýän aragatnaşygyň täze sosial ugruny ýüze çykarýar. Täze media aragatnaşyk şertlerinde internet ulgamynda diňleýjilerden we awtorlardan ybarat bolan media düzümi bilen işleşmegiň täze usullary žurnalistlerden media serişdelerden baş

alyp çykýan hil taýdan täze hünär başarnyklaryny, bilimleri talap edýär. Habar bermegiň döwrebap usulyny beýan edýän täze media ulgamynyň hereket etmeginiň zerur düzümleri hökmünde bolsa, elektron aragatnaşyk dünýäsine aralaşmaga mümkinçilik berýän – kompýuter, anyk maksada ýetmegiň serişdesi bolan – internet ulgamy hem-de bu elektron dünýäni dörediji we peýdalanyjy hökmünde ähli hereketleri ýeke-täk ulgama birikdirýän ulanyjy çykyş edýär [1].

Umuman, islendik işe paýhasly, ylym-bilimli, döwrebap garaýyşlar bilen çemeleşmek onuň netijeliliginiň kepili bolup çykyş edýär. Ösüşiň sanly görnüşi bolsa, hyzmatlara we harytlara bolan elýeterliligiň tiz hem-de ýeňil bolmagyna şert döretmek bilen, adam kapitalynyň, ýaşlaryň ylmy-intellektual gorunyň netijeli peýdalanylmagy arkaly ýurtda uzak möhletleýin ykdysady ösüşi gazanmaga ýardam berýär. Şol bir wagtda, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň sanlylaşdyrylmagynda internet ulgamynyň mümkinçilikleriniň giňeldilmegi jemgyýetçilik ösüşiniň ählumumy habar berilmegine, döwletimiziň döwrebap gazananlarynyň dünýä ýaýylmagyna giň ýol açýar.

Maglumaty goramak çygryndaky gatnaşyklaryň döwlet tarapyndan düzgünleşdirilişi maglumaty goramak boýunça talaplary, şeýle hem Türkmenistanyň maglumaty goramak hakynda kanunçylygynyň bozulmagy üçin jogapkärçiligi bellemek arkaly amala aşyrylýar. Türkmenistanyň kanunçylygyna görä, döwlet edaralarynyň we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň öz amala aşyrýan işleri barada maglumat-telekommunikasiýa torlarynda ýerleşdiren maglumatlary, gyzyklanýan şahsyň hukuklaryna we onuň Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen borçlaryna täsir edýän maglumatlar we beýlekiler tölegsiz berilmäge degişlidir. Internet hyzmatlary edilende Internet torunyň kanallary boýunça berilýän maglumatlara bolan talaplar we olary bermegiň şertleri “Türkmenistanda Internet torunyň ösüşini we internet hyzmatlaryny etmegi hukuk taýdan düzgünleşdirmek hakynda” Türkmenistanyň Kanuny bilen düzgünleşdirilýär [3]. Işewürlik mahabatlandyrmasynyň Internetiň üsti bilen amala aşyrylmagy we hukuk goraglylygynyň üpjün edilmegi Türkmenistanyň çäklerinde innowasion telekeçiligiň giňden ornaşyp, bazar ykdysadyýet şertlerinde telekeçilik işiniň has-da ösmegine kuwwatly itergi berýär. Şol sebäpli hem telekeçiligiň innowasion ugurlar bilen ösdürilmegi, ylmyň, tehnikanyň täze gazananlarynyň önümçilige netijeli ornaşdyrylmagy milli ykdysadyýetiň häzirki zaman sanly ykdysadyýete geçmegini ýeňilleşdirýär.

Işewürlik mahabatlandyrmasynyň Internetiň üsti bilen amala aşyrylmagy we hukuk goraglylygynyň üpjün edilmegi Türkmenistanyň çäklerinde innowasion telekeçiligiň giňden ornaşyp, bazar ykdysadyýet şertlerinde telekeçilik işiniň has-da ösmegine kuwwatly itergi berýär. Şol sebäpli hem telekeçiligiň innowasion ugurlar bilen ösdürilmegi, ylmyň, tehnikanyň täze gazananlarynyň önümçilige netijeli ornaşdyrylmagy milli ykdysadyýetiň häzirki zaman sanly ykdysadyýete

geçmegini ýeňilleşdirýär. Mälim bolşy ýaly, bazar ykdysadyýetiniň esasy wezipeleriniň biri önüm öndürmek, bazarda önümleri we hyzmatlary ilerletmegiň ösen usullarynyň we görnüşleriniň ornaşdyrylmagy bilen baglydyr. Telekeçilik işi mazmuny boýunça harytlara we hyzmatlara üçünji şahsyň ünsüni çekmäge gönükdirilendir. Haýsy hem bolsa bir harydy bazarda işjeň hödürlemegiň we sarp edijiler jemgyýetinde şol harydyň artykmaçlygy babatda gyzyklanma döretmegiň, netijede, öndürijiniň girdejisini artdyrmagyň hereketlendirijisi bolup netijeli mahabatlandyrma çykyş edýär [1].

Milli kanunçylygyň kadalaryna laýyklykda, mahabat mahabatlandyrmagyň obýektine bolan gyzyklanmany döretmäge ýa-da goldamaga hem-de onuň bazarda öňe ilerlemegine ýardam etmäge çagyrylan, oňa bolan ünsi çekmäge gönükdirilen, şahslaryň kesgitsiz toparyna degişli islendik usul bilen, islendik görnüşde we islendik serişdeleri peýdalanmak bilen mahabat işiniň subýektleri tarapyndan ýaýradylýan mahabatlandyrmagyň obýekti hakynda maglumatdyr. Häzirki zaman jemgyýetinde mahabata aýratyn orun berilýär. Onuň ykdysady orny peýda almak we jemgyýetçilik peýdaly maksatlara ýetmek bilen baglanyşyklydyr. Mahabatyň aňyýet orny adamyň dünýägaraýşynyň emele gelmegine we kämilleşmegine gönükdirilendir. Mahabatyň psihologik orny telekeçilik işinde satyn alyjynyň haryda bolan hyrydarlygyna, arzuwlaryna we isleglerine täsir etmegiň serişdelerinde jemlenýär [4, 5 s.].

Harytlar we hyzmatlar babatda täzeliklere bagyşlanan mahabat mazmunly wideo we audio rolikler adama durmuşyň ähli çygryndan gerekli we ýaramly maglumatlary almaga ýardam edýär. Şunuň bilen baglylykda, mahabatyň bilim berijilik–wagyz edijilik wezipesi ýüze çykýar. Ylmy garaýyşlara görä, mahabat jemgyýetçilik tejribesiniň esasynda emele gelýän, maglumat bermek, mahabat obýektleri babatda oňyn jemgyýetçilik pikirini döretmek, belli bir hukuk gatnaşyklaryny emele getirmek ýaly wezipeleri ýerine ýetirýär. Maglumat-telekommunikasiýa ulgamynyň we internet ulgamynyň ösýän häzirki döwründe mahabatyň has giň ýaýran we meşhur görnüşi hem internet mahabatydyr. Ol täze harytlar we hyzmatlar hakynda sarp edijiler köpçüligini habarly etmegiň iň ýönekeý, elýeterli we netijeli usulydyr. Ýönekeýlik we elýeterlilik internet aragatnaşygynyň dünýä derejesinde giň meşhurlyga eýedigi bilen şertlenendir. Bütindünýä maglumat tory, şol bir wagtda, millionlarça ulanyjylara maglumatlary ýetirmäge, bazar giňişligine aralaşýan täze harytlara we hyzmatlara sarp edijilik pikirini we sarp edijilik hyrydarlygyny döretmäge mümkinçilik döredýär [4, 8 s.].

## EDEBIÝAT

1. Maglumat we ony goramak hakynda Türkmenistanyň Kanuny. 2014, №2, 72-nji madda.
2. Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2014 ý., №4, 160-njy madda.
3. Mahabat hakynda Türkmenistanyň Kanuny. 2016, №1, 59-njy madda.
4. *Çaryýew A*. Türkmenistanda reklama işiniň hukuk meseleleri. – A.:Ylym, 2014.